# MAGTYMGULY GARAGALPAGYSTANDA BOLANMY?

**Sapardurdy Abaew,**
*Ajiniýaz adyndaky NDPI «Milli ideýa ruhylyk esaslary we hukuk tälimi» kafedrasy dosenti Garagalpagystan Respublikasynda at gazanan ylmy işgäri.*

**Xaitbayeva Venera Mirzalievna,**
*Gazak dili we edebiýaty kafedrasy assistenti*

***Annotasiya.*** *Magtymguly – özbek, türkmen we garagalpak halklarynyň ruhy birliginiň jarçysydyr. Bu makalada türkmen halkynyň beýik perzendi barada söz edilip, onuň Garagalpak topragyna syýahat edendigi, şol sanda Goňyrat we Moýnakda bolup, piri we ustazy Hekim ata, Süleyman Bakyrgany guburyna birnäçe gezek zyýarat etmegi uly taryhy wakadyr.Onuň edebi mirasynda garagalpak we türkmenler arasyndaky ýakyn goňşuçylyk, garyndaşlyk duýgulary nazarda tutulup, türkmen halkynyň durmuşy, arzuw-armanlary, milli däp-dessurlary hem-de halkyň durmuşunda yüz berýän möhüm jemgyýetçilik, syýasy hadysalar öz görnüşini tapan.*

***Açar sözler:****Alla jemaly, Gurhan we Hadyslar, türkmen halk döredijiligi, türkmen halkynyň durmuşy, arzuw-armanlary, Hekim ata, Süleyman Bakyrgany, Goňyrat,Gypjak, Sultan Weýis baba, Azady, Durdy şahyr, Magtymguly şygyrlary, Nowaýy, Ferdöwsi, Berdak, Ajiniýaz, Ybraýym Ýusupow.*

Bu problema köpçülik okyjylary telim ýyllardan bäri gyzyklandyryp gelýär. Munuň üçin biz ilki Beýik akyldaryň bize galdyryp giden şygyrlaryna, halk rowaýatlaryna, taryhy çeşmelere, Gündogary öwreniji tanymal alymlaryň işlerine salgylanmagy makul gördük.

Orta Aziýa halklarynyň beýik perzendi Magtymguly Pyragy umumadamzat şahyrydyr. Şu ýerde bir hakykaty aýdyp geçsek maksada laýyk bolardy, her bir zehin eýesiniň bize galdyryp giden bibaha mirasy bütin dünýä medeniýetine goşulan uly miras bolup hasaplanýar. Beýik ynsanlary döwürler döredýär. Magtymguly Pyragy XVIII asyryň döreden tebigy gudratydyr. Oraz Ýagmyryň jaýdar belleýşi ýaly Magtymgulynyň döredijilik şuglasy diňe bir bäş öýli türkmeni däl-de, eýsem, Eýrana, Owgana, bütin Türkistana ýaýran, özi hem heniz diri wagtynda.

Magtymguly şahyr durmuşyň ajy-süýjüsini oglanlykdan dadan, emma ruhdan düşmän, geljege umyt bilen garapdyr. Akad Bartold (1869-1930) şeýle diýipdir. “Türki halkyýetleriň arasynda Magtymguly ýaly milli şahyrly halk diňe türkmenlerdir” diýip ýazypdyr. Bunda filosofiýalyk many-mazmun bar, elbetde Magtymguly nazarda tutulýar.

Igor Belýaew Magtymgulynyň goşgularynyň ýaýran territoriýasyny hasaba alyp şeýle ýazýar: “Magtymgulynyň eserleri diňe Zakaspi sebitlerinde däl-de, eýsem garagalpaklaryň arasynda-da giňden ýaýrap, örän uly söýgä, hormata mynasyp bolupdyr”

Elbetde Magtymguly jahankeşde ýurtgörmeli şahyr bolan. Ol syýahat etmegi ýaşlygyndan arzuw eden. Şahyr:

“Köňlüm istär, gezsem dünýä-älemi,
Ganatym ýok, uça bilmen, neýläýin?!”

Ýada:

“Köňül aýdar keşt edip,
Alem-jahany görsem”

diýip jahan gezip, ol ýerde ýaşaýan halklaryň gün-güzerany, tebigaty bilen tanyşmagy arzuw edýär. Şahyr özüniň görmek isleýän ýerlerini “Görsem” atly şygrynda aýdyp geçýär:

Dehistanyň baýrynda,
Bady-sabany görsem.
Bahaweddin Mir Külal,
Zeňňi Babany görsem.

Ýokarda Hindistany,
Arkada Türkistany,
Öwlüýäler ummany,
Ol Rumystany görsem.

Magtymguly Horezme, Garagalpak topragyna syýahat edýär. Garagalpagystanyň syýasaty barada onuň şygyrlarynda-da telimýola ýatlanylýar. Olaryň käbirlerini okap göreliň. Beýik akyldar «Meni» diýen muhammesinde: «Çyn Maçyny, Rum, Horezmi ýördüm ykbal agtaryp…» diýip Horezm welaýatyny ýörite ýatlaýar. Garagalpagystanda Gypjak diýen ýer bar. Ol şahyryň ýaşan döwürlerinde özüniň tebigatynyň ajaýyplylygy, täsirliligi bilen göreni haýran galdyran. Bu hakda şahyr “Gördüňmi” atly şygrynda:

Rumda, Gypjakda, Çynda-Maçynda,
Zemaýel ornunda, arşyň içinde,
Yklym degresinde, pelek burçunda,
Meniň sahypjemalymny gördüňmi.?

diýip Gypjagy täsirli ýerler hatarynda agzaýar.

Garagalpagystanda taryhda yz galdyran, dünýäniň köp ýerlerinde ady ýaýran keramatly öwlüýäleriň, ulamalaryň, pirleriň mazarlary bar. Beýik gumanist şahyr Magtymgulynyň Narynjan baba, Işan baba, Misgin baba, Ezizler baba, Işan gala, Nazlymhan suluw, Şiblişaýyk ýaly birnäçe öwlüýälere zyýarat edendigi hakynda halk rowaýatlary bar. Bu hakda Jabbarbergen Şamuratow şeýle ýazýar: “Türkmen şahyry,

beýik akyldar Magtymguly Goňyrada her geleninde Hekim atanyň guburyny togap edip, ondan ruhy güýç-kuwwat alypdyr”. Hatda, beýik şahyryň şygyrlarynda hem bu şahslaryň atlary uly hormat bilen dile alynýar. Şahyr “Içinde” atly goşgusynda:

Soltan Weýis pähliwany,
Hekim ata-Süleýmany,
Hoja Ýusup-Hemedany,
Şol şahy Kengan içinde.

Magtymgulynyň Hekim Atanyň oglunyň gaýyp bolmagy barada «Pena dünýä» şygyrynda:

Soltan Hülbi gaýyp boldy,
Aýt, senden näme aldy?

- diýip oňa gynanç bildirýär.

Biruny raýonynda Soltan Weýis atanyň gubury bar. Şahyr oňa hem telim gezek gelip, zyýarat edip gidipdir. Ol bu kişini elmydama Beýik akyldarlaryň, parasatly kişileriň hatarynda agzap geçmegi özi üçin belent mertebe hasaplapdyr. Bu babatda Magtymguly «Şondadyr» diýen şygrynda:

Ol Hyzyr, Ylýas ile Ahmed, Süleýman anda bar,
Ol Selim şah Mekke hany, ibni Soltan anda bar,
Baýezid, Soltan Weýis, Hyrkan, Syfan anda bar,
Bir niçe Mejnun kibi çägi-giriban anda bar,
Daýanar Musa asasy-mary gördüm-şondadyr.

diýmek ol öz kalbyndaky hyjuwyny ýüze çykarypdyr.

Biz şahyryň goşgularyny okamak arkaly keramatly hasaplanýan gerçeklere iki dünýäde-de hormatdan, abyraýdan nähili peýdalanýandygyna anyk göz ýetirýäris. Şahyryň şygyrlarynda Soltan Weýis Baba barada telim ýerde agzalyp geçilmegide biziň aýdanlarymyza delil bolup biler, hatda Magtymgulynyň:

«Ol weliler serweri Soltan Weýisdek öwlüýä,
Düşegi, örtünjesi boldy garyp halk bilen»

diýmek şol ulamalaryň nähili güzaran dolandyrandygyna çenli ýetik bolandygyny bilýäris.

Magtymgulynyň Garagalpagystanda bolandygy hakyndaky pikirlerimizi tassyklaýan, hakykata dogry gelýän käbir faktlara ýüzlenip göreliň. Oraz Yagmyr şeýle ýazýar: «Magtymgulynyň Hywa gelmeginiň sebäbi Döwletmämmet Azadynyň bir wagtlar şol medreseleriň birinde okanlygy üçindir. Atasynyň ýoly bilen baryanlygyny duýmak her bir kämil perzende guwanç getiripdir... Magtymguly Hywada okap başlamazdan öň Buhara

barp gaýdypdyr. Gögeldaş medresesinde az wagt okap, talyplaryň nämakul işlerine gahar edip, medresäni taşlap, Hywa gaýtýar. Bu rowaýatda şeýle berilen…» Magtymgulynyň Hywadaky "Şirgazyhan" medresesinde okap bilim alandygy, ol medresäniň Magtymguly üçin ylym ojagy bolandygy taryhy fakt. Sebäbi şahyr Şirgazyhan medresesinde okap ýören wagtlarynda Ferdöwsi, Omar Haýýam, Süleýman Bakyrgany, Nyzamy, Rumy, Hafyz, Sadiý, Jamy, Nesimi, Nowaýy, Fuzuly ýaly ägirtleriň döredijiligi bilen içgin tanyşýar. Gündogar edebiýatynyň bu läheňleriniň dürdänelerini içgin öwrenip, öz pikir derýasyny giňeltýär.

Hywa töwereginiň halkynyň ruhy ýagdaýy bilen doly tanyşan şahyr garagalpak ülkesine syýahat edýär. Garagalpaklar bilen türkmenler garyndaş bolup, bir-birlerine daýy-ýegen hasaplanypdyr. Çak bilen şol döwürlerden başlap Magtymgulynyň goşgulary her bir garagalpagyň kalbyndan ýer alypdyr. Soňra şahyr bu halkyň içinde tanylyp, şeýle bir beýiklige ýeten hatda onuň türkmenligi hem unudylyp, öz janköýer garagalpagy diýip kabul edipdirler. Magtymguly 3 ýyl Hywa medresesinde okan döwründe, ýakyn töweregindäki şäherlere, keramatly ýerlere syýahat edeni bu taryhy fakt. Bu hakda birnäçe maglumatlar bar. Ýagny XVIII asyrda günorta Aral boýlary, goňşy döwletler, şol hatarda Garagalpagystan diýarynda-da, ýagny biziň baş galamyz dünýä toponomiki kartasynda belli Şabbaz, Şorahan, Çymbaý, Hojaili, Goňyrat ýaly şäherler Magtymguly şahyryň syýahatlarynda esasy oruny eýeleýär. Bu hakda şahyryň döredijiliginde hem, arhiw ylmy-edebi çeşmelerde hem maglumat berilýär. Bagşylar Magtymgulynyň goşgularyny garagalpakça hiç bir kynçylyksyz halka ýetiripdirler. Soňra bolsa Berdak, Ajiniýaz ýaly garagalpak şahyrlary bu ugurda köp hyzmat edendiklerini unutmak mumkin däl. Olar iki halkyň gatnaşygyny we dostluguny berkitmäge uly goşant goşdular. Häzire çenli garagalpak halky toý-baýramlaryny Magtymgulynyň goşgularysyz geçirmeýär.

Magtymguly Pyragy hakynda Sankt-Peterburgly alym I.A.Belýaew 1913-nji ýylda garagalpak kyssahanlarydyr, jyrawlarynyň arasynda örän köp sowatly adamlaryň bardygyny, Magtymgulynyň Garagalpaklaryň arasynda ýygy-ýygydan bolandygy, şol sebäpli onuň şahyrçylygynyň garagalpak poeziýasyna täsir edendigini, garagalpaklaryň Magtymgulynyň şygyrlaryny ýatdan bilýändiklerini görkezýär. Magtymguly garagalpaklaryň arasyna gelende ilki bilen Goňyrat galasyna barandygy mälim. Sebäbi, birinjiden Goňyrat galasy XVIII asyrda Köneürgenjiň derejesindäki uly gala. Ikinjiden, derýanyň çep tarapyndaky garagalpaklaryň şol döwürlerdäki ýygy ýerleşen ýeri Goňyrat galasynyň töwerekleridi. Şol sebäplide Magtymguly galada birnäçe gezek bolup, bu ýerdäki şahyrlar, kyssahanlar bilen duşuşypdyr. Olaryň ýerine ýetiren dessanlary bilen birlikde gündogar klassyklarynyň eserlerini diňläpdir. Biz mundan Goňyrat galasynyň

XVIII-XIX asyrlarda Horezmde ýaşaýan her hili milletleriň medeni gatnaşyklaryny rowaçlandyryp, uly täsir edendigini görýäris. Sebäbi, Goňyrat galasynda we onuň töwereklerinde ýaşaýan ilatyň arasynda atly sazandalar, bagşylar, jyrawlar bolupdyr”.

Taryhy çeşmelerde we arhiw materiallarynda aýdylyşy ýaly Hekim ata Süleýman Bakyrgany Garagalpagystan ülkesiniň Goňyrat raýonynyň territoriýasynda ýerlenen. Magtymguly Pyragy öz ussady Hekim atanyň guburyna birnäçe gezek zyýarat etmäge baranda ol ýerdäki ýaşy uly adamlar bilen söhbetdeş bolýar. Magtymgulyny garagalpaklar öz perzendi ýaly söýüpdirler, onuň şygyrlaryny saza goşup aýdym edip aýdypdyrlar, goşgularyny ýatlapdyrlar. Bu baý miras agyzdan-agza geçip, nesilden-nesle ruhy miras sypatynda geçip gelen. Bu hakda garagalpak taryhyny içgin öwrenen alym T.A. Jdanko öz işlerinde garagalpak-türkmen halklarynyň dostlugynyň medeni, edebi baglanyşyklaryny, agzybirliklerini aýratyn belläp geçýär, Magtymguly dürli-dürli ýurtlara syýahat edip, ynsanlaryň durmuşyny içgin öwrenen. Jemgyýetdäki dürli häsiýetli adamlaryň durmuşyna kepil bolan. Şol sebäplide ynsan psihologiýasyndaky aýratynlyklary Magtymguly öz setirlerinde aýdyp geçýär. «Aşyna degmez» atly şygyrynda

«Adam bar müň tümen iýdirsen azdyr,
Bardyr adam iýen nanyna degmez»

diýip nygtaýar.

Heňňamlar aýlanýar, döwürler geçýär emma Magtymguly Pyragynyň guran owadan we berk poeziýa binasy henizler hem baş göterip, XVIII asyryň harabalarynyň arasyndan bize şugla saçyp dur. Bu şugla bilen nesillerimiz ýollaryny ýagtyldyp, ynsanperwerlik duýgularyndan ylhamlanyp, beýik gelejegini gurýarlar we gurarlar.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**


1. Магтымгулы. Шыгырлар. Үч томлук. I-том. Ашгабат: Түркменистан, 1992.
2. Магтымгулы. Сайланан эсерлер. Ашгабат, 1993
3. Магтымгулы. Шыгырлар. Үч томлук. II-том. Ашгабат: Түркменистан, 1994.
4. Ýagmyrow O. Magtymgulynama. Aşgabat, 1992.
5. Т.Таганов. МАГТЫМГУЛЫ.тарыхы роман. Ашгабат “Түркменистан”1992.
6. Қурамбоев К. Шоир ижодига эҳтиром рамзи. // Махтумқули – илҳом чашмаси. Тошкент «Тафаккур» нашриёти. 2012.
7. Магтымгулы. Тержиме эденлер: Ы.Юсупов, У.Пиржанов.Нөкүс “Гарагалпагыстан” 1984.
8. Магтымгулы. Тержиме эден: А.Отепбергенов. Нөкүс “Гарагалпагыстан” 2012.